1

#104 (126)

среда, 21 декабря 2022 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



2022-nji ýylyň 16-njy dekabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Onuň barşynda wise-premýerleriň, welaýatlaryň häkimleriniň hem-de Aşgabat şäheriniň häkiminiň hasabatlary diňlenildi. Gün tertibine şeýle hem ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň meseleleri girizildi.

Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça şu ýylyň on bir aýynda alnyp barlan işler barada maglumat berdi.

Bellenilişi ýaly, "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyndan" we Oba milli maksatnamasyndan gelip çykýan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmäge, şeýle hem degişli pudaklaýyn düzümleriň işini kämilleşdirmäge gönükdirilen hukuk namalaryny taýýarlamak boýunça degişli işler geçirildi.

Ýylyň başyndan bäri Milli Geňeşiň Mejlisiniň maslahatlarynyň 5-si geçirildi. Türkmenistanyň Kanunlarynyň 49-sy, şeýle hem Mejlisiň kararlarynyň 25-si kabul edildi. Şol döwürde "Türkmenistanyň 2023-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda" Türkmenistanyň Kanuny, şeýle hem birnäçe beýleki kanunçylyk namalary kabul edildi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibine geçip, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradowa söz berdi. Wise-premýer 2022-nji ýylyň ýanwar — noýabr aýlarynyň makroykdysady görkezijileri barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, on bir aýyň jemleri boýunça jemi içerki önümiň ösüş depgini 6,2 göterim derejesinde durnukly saklanylýar. Geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, önümleri öndürmegiň möçberi 11 göterim artdy.

Hasabat döwründe bölek-satuw haryt dolanyşygynyň möçberi geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 10,6 göterim, daşary söwda dolanyşygy bolsa 35,7 göterim artdy. Şu ýylyň ýanwar — noýabr aýlarynda Döwlet býujetiniň girdeji bölegi 119,9 göterim, çykdajy bölegi bolsa, 98,1 göterim ýerine ýetirildi. Ortaça aýlyk zähmet haky geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 10,4 göterim ýokarlandy. Aýlyk zähmet haklary, pensiýalar, döwlet kömek pullary, talyp haklary öz wagtynda we doly maliýeleşdirildi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän edaralarynda şu ýylyň on bir aýynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe toplum boýunça ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň ösüş depgini 115,1 göterime deň boldy. Awtomobil, demir ýol, howa, deňiz we derýa ulaglary bilen ýük daşamagyň meýilnamasy 112,2 göterim we ýolagçy gatnawlary boýunça meýilnama 104,7 göterim ýerine ýetirildi.

Ýanwar — noýabr aýlarynda "Türkmendemirýollary" agentligi boýunça ýerine ýetirilen hyzmatlaryň ösüş depgini 105,2 göterime, "Türkmenawtoulaglary" agentligi boýunça 129,8 göterime, "Türkmendeňizderýaýollary" agentligi boýunça 109,3 göterime, "Türkmenaragatnaşyk" agentligi boýunça bolsa 107,7 göterime deň boldy. "Türkmenhowaýollary" agentligi boýunça degişli işler geçirildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew gözegçilik edýän söwda we dokma toplumlarynyň ministrlikleri, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, şeýle hem telekeçilik ulgamy tarapyndan şu ýylyň ýanwar — noýabr aýlarynda alnyp barlan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi boýunça söwda dolanyşygynyň ösüş depgini, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 110,8 göterime, önüm öndürmegiň ösüş depgini 106,6 göterime barabar boldy.

Dokma senagaty ministrliginiň kärhanalarynda nah ýüplügiň we matalaryň öndürilişiniň ösüş depgini, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, degişlilikde, 125,4 hem-de 132,2 göterime, tikin we trikotaž önümleriniň ösüş depgini 110,2 göterime, gön önümleriniň öndürilişiniň ösüş depgini bolsa, 109,7 göterime deň boldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa gözegçilik edýän ulgamynda şu ýylyň on bir aýynda geçirilen işleriň jemleri barada hasabat berdi.

"Halkyň Arkadagly zamanasy" ýylynyň şygaryna, şeýle hem milli senenamamyzyň şanly senelerine bagyşlanan, şonuň ýaly-da, olara gabatlanyp medeni-durmuş maksatly desgalaryň açylyp ulanmaga berilmegi mynasybetli dürli maslahatlar, döredijilik duşuşyklary, brifingler, mediaforumlar, sergiler, wagyz-nesihat we aýdym-sazly medeni çäreler, festiwallar geçirildi, döredijilik bäsleşikleri yglan edildi. Hasabat döwründe türkmen hünärmenleri daşary ýurtlaryň birnäçesinde iş saparlarynda boldular.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow gözegçilik edýän düzümlerinde şu ýylyň on bir aýynda ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Hasabat döwründe bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmaga, häzirki zaman ylym, usulyýet binýadyny döretmäge gönükdirilen çäreler amala aşyryldy. Okuw maksatnamalaryny kämilleşdirmek boýunça işler geçirildi, täze kitaplar hem gollanmalar çap edildi. Talyplar we mekdep okuwçylary halkara ders-internet bäsleşiklerine gatnaşyp, medallara mynasyp boldular.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow gurluşyk, senagat toplumynyň, "Türkmenhimiýa" döwlet konserniniň, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentliginiň hem-de Aşgabat şäheriniň häkimliginiň şu ýylyň on bir aýynda ýerine ýetiren işleriniň jemleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow wise-premýere hem-de welaýatlaryň häkimlerine ýüzlenip, häzirki döwürde ýurdumyzyň ekerançylyk meýdanlarynda, aýratynda, bugdaý ekilen ýerlerde alnyp barylýan ideg işleriniň agrotehniki kadalara laýyklykda ýerine ýetirilmeginiň möhüm talap bolup durýandygyna ünsi çekdi. Şunda degişli işleri talabalaýyk ýerine ýetirmek bilen bir hatarda, suw akabalarynyň arassalanmagyna, suw serişdeleriniň rejeli peýdalanmagyna möhüm ähmiýet berilmelidir.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow DIM tarapyndan şu ýylyň on bir aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Şu döwürde Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna laýyklykda işler alnyp baryldy.

Halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde ýokary derejedäki saparlara we gepleşiklere möhüm ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, 2022-nji ýylyň dowamynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Russiýa Federasiýasyna, Eýran Yslam Respublikasyna, Özbegistan Respublikasyna, Gyrgyz Respublikasyna, Gazagystan Respublikasyna, Birleşen Arap Emirliklerine we Katar Döwletine döwlet, resmi we iş saparlary guraldy.

Şol bir wagtyň özünde, geçen on bir aýyň dowamynda Hindistan Respublikasynyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Gazagystan Respublikasynyň, Eýran Yslam Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentleri we Gruziýanyň Premýer-ministri biziň ýurdumyzda saparda boldular.

Şu ýylyň ýanwar — noýabr aýlary aralygynda Türkmenistanyň Prezidenti birnäçe döwletleriň Baştutanlary bilen telefon arkaly söhbetdeşlikleri geçirdi. Şu ýylyň başyndan bäri döwlet Baştutanymyzyň gatnaşmagynda iri halkara derejedäki çäreleriň birnäçesi guraldy.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ КАЗАХСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Казахстан Касым-Жомарту Токаеву по случаю Дня независимости Республики Казахстан.

В своём послании глава Туркменистана с удовлетворением отметил, что за годы независимости Казахстан осуществил преобразования в политической, социально-экономической сферах для укрепления своей государственности, улучшения благосостояния народа и дальнейшего повышения авторитета страны на международной арене.

Сегодня дружественные и добрососедские отношения между Туркменистаном и Республикой Казахстан носят долгосрочный и стратегический характер. Двустороннее сотрудничество между нашими странами, по сложившейся традиции, активно развивается, основываясь на принципах открытости, взаимного уважения и понимания, подчеркнул с большим удовлетворением Президент Сердар Бердымухамедов, выразив уверенность, что братские отношения между Туркменистаном и Казахстаном будут и впредь неуклонно развиваться на благо наших народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил Президенту Касым-Жомарту Токаеву пожелания крепкого здоровья, благополучия и счастья, а братскому народу Республики Казахстан – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ КОРОЛЯ БАХРЕЙНА

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Королю Бахрейна Хамаду бин Иса Аль Халифа по случаю Национального дня Королевства Бахрейн.

«Мы высоко оцениваем сложившиеся за эти годы многовекторные отношения между Туркменистаном и Королевством Бахрейн», – отметил в своём послании глава государства, выразив уверенность, что это сотрудничество будет и далее развиваться в интересах обоих народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов выразил Королю Хамаду бин Иса Аль Халифа искренние пожелания крепкого здоровья, благополучия и счастья, а братскому народу Королевства Бахрейн – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ЭМИРА ГОСУДАРСТВА КАТАР

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Эмиру Государства Катар Тамиму бин Хамаду Аль Тани по случаю Национального дня Государства Катар.

«За последние годы братские отношения между Туркменистаном и Государством Катар обогатились новым содержанием, налажено и эффективно ведётся сотрудничество по различным направлениям», – отметил в своём послании глава государства, заявив о готовности вывести двусторонние отношения на новые рубежи, а также выразил твёрдую уверенность, что эти отношения будут служить интересам народов обеих стран.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Эмиру Тамиму бин Хамаду Аль Тани искренние пожелания крепкого здоровья, благополучия и успехов в благородной деятельности, а братскому народу Государства Катар – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ МИЛЛИ ГЕНГЕША ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ КАЗАХСТАН

Председатель Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил сердечные поздравления Президенту Республики Казахстан Касым-Жомарту Токаеву и всему народу страны по случаю Дня независимости Республики Казахстан.

В послании отмечается, что за годы независимости Казахстан смог достичь значительных успехов в социально-экономическом развитии и последовательном повышении уровня жизни народа. Сегодня Казахстан занимает достойное место в мире.

В настоящее время стратегические отношения между Туркменистаном и Республикой Казахстан динамично развиваются. Нас радует, что также активно развиваются межпарламентские связи, которые призваны обогатить наше двустороннее сотрудничество новым содержанием, подчеркнул Председатель Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов, выразив уверенность, что братские отношения между Туркменистаном и Казахстаном будут и впредь неуклонно развиваться на благо наших народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Председатель Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана выразил Президенту Касым-¬Жомарту Токаеву пожелания крепкого здоровья, благополучия и счастья, а братскому народу Республики Казахстан – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

Интернет газета
Международные новости



# “AWAZA” MILLI SYÝAHATÇYLYK ZOLAGYNDA DOSTLUKLY DÖWLETLERIŇ BAŞTUTANLARYNYŇ BIRINJI ÜÇTARAPLAÝYN SAMMITI GEÇIRILDI




2022-nji ýylyň 14-nji dekabrynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň Kongresler merkezinde Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň, Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewiň hem-de Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň gatnaşmagynda birinji üçtaraplaýyn sammit geçirildi.

Ir bilen Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew we Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan Awazadaky Kongresler merkezine geldiler. Bu ýerde sammitiň öňüsyrasynda, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow iki dostlukly döwletiň Baştutanlary bilen duşuşdy.

Şeýle hem bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow forumyň öňüsyrasynda azerbaýjan we türk kärdeşleri bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdi.

Sammitiň resmi banneriniň öňünde bilelikde surata düşmek dabarasyndan soňra, Kongresler merkezinde çäkli düzümde ýokary derejedäki üçtaraplaýyn duşuşyk geçirildi.

Hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary boýunça pikir alyşmalaryň dowamynda sammitiň üçtaraplaýyn syýasy-diplomatik gatnaşyklary pugtalandyrmaga, söwda-ykdysady, maýa goýum, medeni-ynsanperwer ugramlarda hyzmatdaşlygy giňeltmäge mümkinçilik berjekdigi nygtaldy.

Soňra sammit Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň, Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýewiň, Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň we üç ýurduň wekiliýetleriniň gatnaşmagynda giňişleýin düzümde dowam etdi.

Taraplar ykdysady ugurda üçtaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmegiň meselelerini ara alyp maslahatlaşýarlar. Duşuşykda söwda, energetika we ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlygy giňeltmek möhüm meseleleriň hatarynda kesgitlenildi.

Gepleşikleriň dowamynda Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň arasyndaky hyzmatdaşlygyň döwletara, sebitleýin we halkara derejesinde strategiki häsiýete eýe bolandygy nygtaldy. Şeýle hem özara gatnaşyklaryň üçtaraplaýyn görnüşiniň däp bolan dostlukly, ynamdar gatnaşyklary berkitmek we gatnaşygy işjeňleşdirmek üçin giň mümkinçilikleri döredýändigi bellenildi.

Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň we Türkiýe Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň Birinji Sammitiniň giňişleýin düzümdäki duşuşyk tamamlanandan soň, resminamalara gol çekmek dabarasy boldy.

Duşuşygyň jemleri boýunça Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň we Türkiýe Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň Birinji Sammitiniň Bilelikdäki Beýannamasy kabul edildi.

Döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň Hökümetiniň, Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň we Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Ylalaşyga; 2023 — 2025-nji ýyllar üçin ylym, bilim we medeniýet babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Hökümetiniň, Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň we Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda Çarçuwaly maksatnama; Gümrük hyzmatdaşlygy boýunça bilelikdäki konsultatiw topary döretmek barada Türkmenistanyň Hökümetiniň, Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň we Türkiýe Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Energetika babatda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek hakynda «Türkmengaz» döwlet konserniniň, Azerbaýjan Respublikasynyň Energetika ministrliginiň we Türkiýe Respublikasynyň Energetika we tebigy serişdeler ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Ulaglar babatda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek barada Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň, Azerbaýjan Respublikasynyň Sanly ösüş we ulag ministrliginiň we Türkiýe Respublikasynyň Ulag we infrastruktura ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Sammit tamamlanandan soňra, üç ýurduň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň öňünde çykyş edip, duşuşygyň jemleri barada habar berdiler. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň we Türkiýe Respublikasynyň Prezidentleriniň şu gezekki duşuşygy, hakykatdan-da, taryhy waka, biziň döwletlerimiziň we halklarymyzyň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mizemezdiginiň aýdyň subutnamasy boldy.

Sammitiň dowamynda gazanylan ylalaşyklaryň hem-de gol çekilen resminamalaryň özara bähbitli üçtaraplaýyn hyzmatdaşlygy yzygiderli pugtalandyrmak we giňeltmek, ony täze, geljegi uly ugurlara çykarmak, dünýädäki häzirki dörän ýagdaýlar bilen baglylykda örän möhüm syýasy, ykdysady, durmuş we ynsanperwer ähmiýete eýe bolýan Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat etjekdigi bellenildi.

Sammitiň maksatnamasy tamamlanandan soňra, Azerbaýjan Respublikasynyň we Türkiýe Respublikasynyň Prezidentleri Türkmenbaşy şäheriniň Halkara howa menziline bardylar we Türkmenistandan ugradylar.

# Türkmenistanyň Prezidenti Saud Arabystanynyň daşary işler ministrini kabul etdi

2022-nji ýylyň 19-njy dekabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Saud Arabystany Patyşalygynyň daşary işler ministri Faýsal bin Farhan Al Saudy kabul etdi.

Myhman duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin döwlet Baştutanymyza hoşallygyny beýan edip, Saud Arabystanynyň Patyşasy Salman ben Abdelaziz Al Saudyň mähirli salamyny hem-de ähli türkmen halkyna rowaçlyk we abadançylyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi. Şunda dostlukly ýurduň Türkmenistan bilen köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga we giňeltmäge gyzyklanma bildirýändigi nygtaldy.

Döwlet Baştutanymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Saud Arabystanynyň Patyşasyna salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ministriň Türkmenistana şu gezekki saparynyň uzak möhletleýin türkmen-saud gatnaşyklaryny ösdürmegiň ýolunda nobatdaky ädim boljakdygyna ynam bildirip, iki dostlukly döwletiň daşary syýasat edaralarynyň geňeşmelerinde üstünlikleri arzuw etdi hem-de Aşgabatda Saud Arabystany Patyşalygynyň ilçihanasynyň täze binalar toplumynyň açylmagy bilen gutlady.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow şu ýylyň iýun aýynda Türkmenistanyň Prezidenti hökmünde Saud Arabystany Patyşalygynyň mukaddes topraklaryna amala aşyran ilkinji saparyny — zyýaratyny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny, bu saparyň özünde ýatdan çykmajak täsirleri galdyrandygyny nygtady.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de daşary işler ministri Faýsal bin Farhan Al Saud iki ýurduň köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmäge ygrarlydygyny tassyklap, söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň oňyn depginini we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek üçin ägirt uly eksport-import mümkinçilikleriň bardygyny bellediler. Ýangyç-energetika toplumy, söwda, maýa goýumlar, ulag we aragatnaşyk, himiýa we dokma senagaty, oba hojalygy hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda görkezildi.

Ylym we medeniýet ulgamlarynda ikitaraplaýyn gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň möhümdigine aýratyn üns çekildi. Bu ulgamlarda hyzmatdaşlygyň köpýyllyk tejribesi toplanyldy we ony pugtalandyrmak üçin mümkinçilikler bar.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz we Saud Arabystany Patyşalygynyň daşary işler ministri dostluk, özara hoşniýetli erk bilen berkidilen döwletara gatnaşyklaryň iki halkyň bähbidine mundan beýläk-de giňeldiljekdigine ynam bildirdiler.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Parlamentara gatnaşyklary ösdürmek Watanymyzyň daşary syýasy işiniň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Şu maksat bilen, hasabat döwründe Türkmenistanyň parlament toparlarynyň daşary ýurtlara saparlary guraldy. Şu ýylyň 12-nji maýynda Aşgabat şäherinde Merkezi Aziýa döwletleriniň we Russiýa Federasiýasynyň Parlamentara forumynyň geçirilmegi möhüm waka öwrüldi.

Daşary syýasat edaralarynyň ugry boýunça yzygiderli geňeşmeler geçirildi. Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek boýunça anyk işleriň durmuşa geçirilmegine we ýöriteleşdirilen halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmegine möhüm üns berilýär. Şunuň bilen baglylykda, hasabat döwründe bilelikdäki hökümetara toparlaryň birnäçe mejlisleri we olara başlyklyk edijileriň duşuşyklary geçirildi.

On bir aýyň dowamynda Türkmenistanyň 2020 — 2025-nji ýyllar üçin daşary ykdysady işiniň ösüşiniň Maksatnamasyny, Türkmenistanyň 2021 — 2030-njy ýyllar üçin Daşary söwda strategiýasyny hem-de ýurdumyzyň söwda-ykdysady we maýa goýum ugurlarynda kabul edilen beýleki strategik resminamalary durmuşa geçirmek maksady bilen, degişli işler amala aşyryldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, dünýä ykdysadyýetindäki çylşyrymly ýagdaýlara we aýry-aýry pudaklaryň işinde bar bolan kemçiliklere garamazdan, şu ýyl milli ykdysadyýetimiziň ýokary depginli ösüşiniň saklanýandygyny aýtdy. Bellenilişi ýaly, hasabat döwründe halk hojalygynyň ähli pudaklarynda diýen ýaly önüm öndürmegiň möçberleri artdy. Kabul edilen maksatnamalara laýyklykda, ykdysadyýetimizde husus pudagyň paýy hem ýokarlanýar. Döwlet býujetine serişdeleriň gelip gowuşmagy bellenen tabşyryklaryň çäklerinde üpjün edildi. Zähmet haklary, pensiýalar we döwlet kömek pullary tassyklanan tertibe laýyklykda tölenýär.

Şol bir wagtyň özünde, önümçilik we ýaşaýyş-durmuş maksatly köp sanly desgalar ulanylmaga berildi.

Eksporta niýetlenen önümleri artdyrmak boýunça çäreleriň amala aşyrylmagy netijesinde, dürli görnüşli önümleriň eksport edilen möçberi, geçen ýyl bilen deňeşdireniňde, 50 göterime golaý artdy. Şuny göz öňünde tutup, döwlet Baştutanymyz daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri özümizde öndürmek we täze görnüşli önümleri öndürmegiň hasabyna eksporty artdyrmak boýunça işleri dowam etmegi tabşyrdy.

Umuman, şu ýylyň on bir aýynyň jemleri boýunça ýurdumyzda kanagatlanarly netijeleriň gazanylandygyny aýdyp, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow, muňa garamazdan, yhlaslywe netijeli işlemegi dowam edip, ýurdumyzyň ykdysadyýetini depginli ösdürmelidigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz şu ýylyň daşary syýasat babatda hem netijeli we baý many-mazmunly bolandygyny aýdyp, Bitarap döwletimiziň daşary syýasat ugrunyň Konsepsiýasyna laýyklykda, ýurdumyzyň halkara giňişlikde dostlukly we deňhukukly gatnaşyklary ýola goýandygyny belledi. Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2023-nji ýyly «Parahatçylygyň kepili hökmünde dialogyň halkara ýyly» diýip yglan etmegi munuň ýene-de bir aýdyň mysalydyr.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli beýleki meselelere-de garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisiniň ahyrynda oňa gatnaşyjylara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň bähbidine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Интернет газета
Международные новости

## Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygynyň we Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidentiniň duşuşygy



14-nji dekabrda Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň birinji üçtaraplaýyn sammitine gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ylham Aliýew bilen duşuşdy.

Taraplar türkmen-azerbaýjan hyzmatdaşlygynyň geljek ugurlarynyň ara alyp maslahatlaşmagynyň barşynda dürli ugurlarda, şol sanda söwda-ykdysady, energetika, ulag-kommunikasiýa we beýleki ulgamlarda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny bellediler.

Söhbetdeşler ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk baradaky gürrüňi dowam edip, Ykdysady hyzmatdaşyk boýunça bilelikdäki türkmen-azerbaýjan hökümetara toparynyň işiniň ähmiýetini bellediler, toparyň nobatdaky mejlisi 2022-nji ýylyň 29-njy noýabrynda Baku şäherinde geçirildi.

2021-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda Aşgabatda Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň Hökümetleriniň arasynda Hazar deňzindäki «Dostluk» uglewodorod ýatagynda bilelikde gözleg, işläp taýýarlamak.

Söhbetdeşler ynsanperwer, medeniýet, ylym-bilim, saglygy goraýyş we syýahatçylyk ugurlarda hyzmatdaşlygy has-da giňeltmeklige aýratyn ähmiýet berdiler.

## Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygynyň Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti bilen duşuşygy



14-nji dekabrda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň Kongressler merkezinde Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň birinji üçtaraplaýyn sammitine gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan bilen duşuşdy.

Duşuşygyň dowamynda taraplar dürli ugurlar boýunça döwletara gatnaşyklary ösdürdmek barada pikir alyşdylar. Esasan hem söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, ulag-kommunikasiýa we senagat ugurlarynda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek meselelerine üns berdiler. Parlamentara gatnaşyklary ösdürmek söhbetdeşlikde aýratyn orun eýeledi.

Şeýle hem söhebetdeşigiň dowamynda Türki Döwletleriň Guramasynyň çäginde sebit hyzmatdaşlygyny giňeltmek meselelerine garaldy.

Mundan başga-da duşuşygyň dowamynda kökleri taryhyň münýyllyklaryndan gaýdýan medeni we ruhy gymmatlyklary özünde jemleýän, iki doganlyk halky birleşdirýän däp bolan ynsanperwer gatnaşykar ara alnyp maslahatlaşyldy.

## «AWAZA» MILLI SYÝAHATÇYLYK ZOLAGYNDA TÜRKMENISTANYŇ, AZERBAÝJANYŇ WE TÜRKIÝÄNIŇ DAŞARY SYÝASAT EDARALARYNYŇ ÝOLBAŞÇYLARYNYŇ DUŞUŞYGY



Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary ýokary derejedäki üçtaraplaýyn gepleşikleriň öň ýanynda, ýagny 2022-nji ýylyň 13-nji dekabrynda geçirilen duşuşygyň dowamynda köptaraplaýyn döwletara hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy hem-de geljegi barada pikir alyşdylar. Şeýle hem ozal gazanylan ylalaşyklaryň iş ýüzünde durmuşa geçirilişiniň barşy, ählumumy hem-de sebit gün tertibiniň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bellenilişi ýaly, birinji sammite biziň döwletlerimiz ýeterlik derejedäki uly mümkinçilikleri bilen geldiler. Häzirki wagtda taraplar dürli ugurlardaky ýygjam gatnaşyklaryň netijesinde hyzmatdaşlygy hil taýdan täze, döwrüň anyk ýagdaýlary bilen şertlendirilen derejä çykarmagyň zerurlygyndan ugur alyp, öz gatnaşyklaryny milli hem-de umumy bähbitleriň sazlaşmagynda ýola goýýarlar.

Şunda syýasy-diplomatik gurallaryň ulanylmagyna möhüm orun berilýär. Şol gurallary, wekiliýetleriň agzalarynyň pikirine görä, işjeňleşdirip hem-de güýçlendirip, duşuşyklara, ilkinji nobatda, daşary işler ministrleriniň derejesindäki duşuşyklara ulgamlaýyn häsiýet berilmelidir. Bu bolsa ýakyn we orta möhletli geljek üçin bilelikdäki çäreleri meýilleşdirmäge mümkinçilik berer.

Şunuň bilen baglylykda, üç ýurduň ykdysadyýetleri üçin strategik ugurlarda gatnaşyklary ösdürmek barada birnäçe netijeli teklipler beýan edildi. Söwda-ykdysadyýet, energetika we ulag-aragatnaşyk ulgamlarynda hem-de ynsanperwer ugur boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmegiň möhümdigine aýratyn üns çekildi.

Wekiliýetleriň agzalary üçtaraplaýyn görnüşdäki gepleşikleriň uly ähmiýetini belläp, Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň arasyndaky netijeli gatnaşyklary çuňlaşdyrmak üçin bar bolan uly mümkinçilikleriň durmuşa geçirilmeginiň deňhukuklylyk, ynanyşmak we hoşniýetli erk esasynda ýola goýulýan oňyn gatnaşyklary has-da giňeltmäge ýardam etjekdigine ynam bildirdiler.

## TÜRKMENISTANYŇ, AZERBAÝJANYŇ WE TÜRKIÝÄNIŇ ULAG ULGAMYNYŇ ÝOLBAŞÇYLARY “AWAZADA” DUŞUŞDYLAR

2022-nji ýylyň 13-nji dekabrynda Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň we Türkiýe Respublikasynyň ulag ulgamynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygy geçirildi

Bitarap Türkmenistan halkara hyzmatdaşlyk meselelerinde işjeň orny eýeläp, döwrebap ulag düzümini kemala getirmek boýunça anyk başlangyçlary öňe sürýär hem-de daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde bu ugurda iri taslamalary üstünlikli durmuşa geçirýär.

Ýolagçylary we ýükleri deňiz, awtomobil hem-de demir ýollar arkaly gatnatmagyň häzirki zaman düzümlerini döretmek babatda netijeli hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek boýunça pikir alyşmalaryň çäklerinde duşuşyga gatnaşyjylar biziň ýurtlarymyzyň ulag ulgamynda ägirt uly kuwwata eýedigini we şol mümkinçiligi durnukly ykdysady ösüşi saklamak, üç halkyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak we halkara söwda gatnaşyklaryny pugtalandyrmak maksady bilen, has doly derejede ulanmak arkaly özara habar berip durmuşa geçirmegi maksat edinýändiklerini bellediler.

Ulag-aragatnaşyk ulgamyny, döwrüň talap edýän täze ulag geçelgelerini döretmek boýunça hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow tarapyndan öňe sürülýän başlangyçlaryň goldanylýandygyny beýan edip, azerbaýjan we türk hyzmatdaşlary deňhukuklylyk hem-de uzak möhletleýinlik esasda ýola goýulýan netijeli gatnaşyklary dowam etdirmäge gyzyklanma bildirdiler.

Üç ýurduň degişli guramalarynyň demir ýol arkaly gatnawlaryny ösdürmek boýunça bilelikdäki çäreleri kabul etmäge hem-de bäsdeşlige ukyply nyrhlaryň çeýe ulgamyny döretmek boýunça ylalaşygyň taslamasyny we demir ýol ulagy arkaly gatnawlar amala aşyrylanda şertleri işläp taýýarlamaga degişli meseleler giňden ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şeýle hem awtomobil ulaglary arkaly gatnawlar üçin amatly şertleri döretmek we sazlaşdyrmak, hususan-da, wizalary bermegiň gurallaryny işläp taýýarlamak baradaky meselelere garaldy.

Demir ýol, awtomobil we deňiz ulaglary arkaly konteýner daşamalaryny ösdürmek maksady bilen, zerur amallary amala aşyrmagyň hem-de has oňaýly nyrhlary kesgitlemegiň ýeke-täk düzgünlerini işläp taýýarlamak boýunça üç ýurduň degişli düzümleriniň hyzmatdaşlyk etmegi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Taraplar geçirilen gepleşikleriň netijelerini jemläp, hyzmatdaşlygyň ähli möhüm ugurlary boýunça diýen ýaly uly taýýarlyk işleriniň geçirilendigini nygtadylar. Ulag ulgamynda Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň özara bähbitli hyzmatdaşlyk etmegini gazanmak maksady bilen, bellenen wezipeleri durmuşa geçirmek üçin döwletleriň öz içerki amallaryny tamamlamagynyň möhümdigi bellenildi.

## «AWAZADA» TÜRKMENISTANYŇ, AZERBAÝJANYŇ WE TÜRKIÝÄNIŇ ENERGETIKA ULGAMYNYŇ ÝOLBAŞÇYLARY DUŞUŞDYLAR




2022-nji ýylyň 13-nji dekabrynda günüň birinji ýarymynda "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda ýokary derejedäki üçtaraplaýyn duşuşygyň öňüsyrasynda Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň degişli pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygy geçirildi. Onda energetika ulgamynda gatnaşyklary ösdürmek bilen bagly meselelere garaldy.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistan iri energetika döwleti bolmak bilen, özara bähbitlere giň halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmak ugrunda çykyş edýär.

Ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumyny yzygiderli ösdürmek, nebitiň we gazyň çykarylýan möçberlerini artdyrmak, öndürilýän önümiň hilini ýokarlandyrmak, energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna, şol sanda Ýewropa bazarlaryna iberilýän möçberlerini artdyrmak we ugurlaryny giňeltmek üstünlikli durmuşa geçirilýän energetika strategiýasynyň esasy ugurlarydyr.

Ýurdumyzyň elektrik energetikasy pudagyny ösdürmäge hem aýratyn ähmiýet berilýär. Pudagy ösdürmäge ägirt uly maýa goýumlaryň gönükdirilmegi hem-de Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň şu pudaga berýäb ünsi netijesinde, soňky ýyllarda energetika senagatynyň önümçilik kuwwaty birnäçe esse artdy. Munuň özi diňe bir ýurdumyzyň içerki isleglerini däl, eýsem, türkmen elektrik energiýasynyň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini hem artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Taraplar bu ulgamda hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin açylýan uly mümkinçilikleriň hukuk kadalaryna, birek-birege hormat goýmaga hem-de özara bähbitleri nazara almaga esaslanýan halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegini şertlendirýändigini bellediler.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Türkiýäniň döwlet Baştutanlarynyň şu sammitiniň bu ugurda möhüm ädim boljakdygyna, dostlukly we doganlyk halklaryň arasynda ýola goýlan netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmaga ýardam etjekdigine ynam bildirildi.

## Очередное заседание Совместного руководящего комитета по реализации Рамочной программы сотрудничества между Туркменистаном и ООН



15 декабря 2022 года в здании МИД Туркменистана в гибридном формате состоялось очередное заседание Совместного руководящего комитета по реализации Рамочной программы сотрудничества между Туркменистаном и ООН в области устойчивого развития на 2021-2025 годы. Об этом сообщает МИД Туркменистана.

В заседании приняли участие руководители и сотрудники Министерства иностранных дел Туркменистана, представители соответствующих министерств и ведомств страны, а также главы и представители структурных подразделений ООН в Ашхабаде.

В ходе заседания были рассмотрены основные достижения в реализации Рамочной программы сотрудничества (РПС) за 2022 год, «Дорожной карты» РПС в 2022 году. При этом стороны обсудили продвижение вопросов пяти целевых групп Рамочной программы, включающих в себя верховенство права, секторы экономики, экологии, здравоохранения и образования.

Министр иностранных дел Туркменистана Р.Мередов акцентировал внимание участников на укрепление взаимодействия по следующим направлениям:

- обеспечение «зеленой» экономики и представление соответствующих концепций в этой области;
- продовольственная безопасность и изменение климата, посредством применения современных зеленых технологий;
- цифровизация и управление данными;
- дальнейшее развитие системы образования с упором на школьное и профессиональное образование;
- укрепление потенциала здравоохранения;
- развитие правозащитных институтов в Туркменистане, в частности формирование специализированных направлений в структуре Уполномоченного по правам человека;
- системы повышения квалификации, в том числе и рассмотрение разработки и претворения в жизнь Меморандума о совместном взаимодействии дипломатов и других государственных служащих в рамках ООН.

В этой связи национальным партнерам совместно с соответствующими агентствами ООН в рамках Групп было предложено активизировать сотрудничество с упором на реализацию вышеобозначенных направлений, а также рассмотреть вопрос подготовки «Дорожной карты» Рамочной Программы Сотрудничества на 2023 год.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *IV съезд Партии промышленников и предпринимателей Туркменистана*

15 декабря 2022 года в столице состоялся очередной, IV съезд Партии промышленников и предпринимателей Туркменистана (ППТ). К участию в работе съезда также были приглашены руководители и представители политических партий и общественных организаций, депутаты Меджлиса Милли Генгеша, СМИ.

В своих выступлениях участники съезда отмечали, что главная цель Партии промышленников и предпринимателей – быть надёжным помощником государства в реализации социально ориентированной политики, обеспечивающей благополучие народа, процветание Отчизны.

### *Зажглись огни на Главной новогодней ёлке страны*

15 декабря 2022 года в туркменской столице состоялась церемония зажжения огней на Главной ёлке страны, традиционно предваряющая мероприятия в честь прихода новогоднего праздника. По сложившейся традиции центром торжеств стала площадь перед Культурно-развлекательным центром «Älem», расположенная в одном из живописных уголков столицы – у подножия Копетдагских гор, где установлена самая высокая зелёная красавица и раскинулся сказочный городок.

### *Прикаспийские страны продлят запрет на коммерческий вылов осетровых в 2023 году*

Комиссия по сохранению и рациональному использованию водных биоресурсов и управлению их совместными запасами Каспийского моря обсуждает продление запрета на коммерческий вылов осетровых видов рыб в 2023 году, а также вопросы восстановления запасов осетровых. Планируется, что вылов осетровых в 2023 году будет осуществляться только в научно-исследовательских целях и в целях искусственного воспроизводства.

В 6-й сессии Комиссии принимают участие представители Азербайджана, Ирана, России, Казахстана и Туркменистана. Организатором встречи выступила казахстанская сторона.

*Материалы подготовлены на основе интернет-источников.*